**“Tassyklandy”**

„Hazar Logistik“ Hojalyk jemgyýetiniň
Esaslandyryjylarynyň Umumy ýygnagynyň
2024-nji ýylyň 5-nji iýunyndaky 08 belgili Teswirnamasy bilen.

**Gymmatly kagyzlaryň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi:**

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 0 | 1 | 5 | 0 | 0 | 1 | 4 | 0 | 2 | 1 | P |

Bellige alnan senesi: 30. 10. 2024 ýyl

Bellige alan edara: Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi

Bellige alan edaranyň ygtyýarly wekiliniň ady we goly: ________________

M.Ý.

# GYMMATLY KAGYZLARYŇ EMISSIÝA PROSPEKTI

## “HAZAR LOGISTIK”
## HOJALYK JEMGYÝETI

**Atly Obligasiýalaryň sany 10 000, biriniň nominal bahasy 1 000 manat**

Emitentiň Baş Direktory: ________________ Ş. Şamyradow

Emitentiň Baş buhgalteri: ________________ N. Ballyýewa

M.Ý.

## 1. Emitent barada umumy maglumatlar

1.1. Emitentiň doly ady: “Hazar Logistik” Hojalyk jemgyýeti;

1.2. Emitentiň gysgaldylan ady: “Hazar Logistik” HJ;

1.3. Eýeçiligiň görnüşi: Hojalyk jemgyýeti;

1.4. Yuridiki salgysy we ýerleşýän ýeri: Mary welaýaty, Mary şäheri, Bitaraplyk köçesi, jaý 18, 7 gat.

1.5. Bank maglumatlary:

Ady: “Hazar Logistik” HJ

1.6. Salgysy: Mary welaýaty, Mary şäheri, Bitaraplyk köçesi, jaý 18, 7 gat.
Salgyt kody: 601211001287
Bank: «Türkmen-Türk» PTB
Hasaplaşyk hasaby (manatda): 23202934173172500355000
BAB: 390101731

1.7. Döwlet belgisine alan edara: Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýetiniň Mary welaýatynyň Mary şäher salgyt bölümi;

1.8. Türkmenistanyň ýuridik şähslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi we senesi: №23947311, sene: 09.03.2023ý.
(Jemgyýet ilkinji gezek 20.02.2020ý. senede 14593143 belgi bilen “Hazar Logistik” hususy kärhanasy ady bilen hasaba alyndy);

1.9. Işiň esasy görnüşleri: ulag-logistika we ýük daşama hyzmatlary

1.10. Emitentiň ygtyýarnamalary (bar bolsa):

- Deňiz agentirleme boýinça iş (beren edara: Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi; Belgisi: 6-22-15-58; berlen senesi: 14.09.2023ý.);
- Deňiz ulaglarynda ýükleri ekspedisiýa etmek boýunça iş (beren edara: Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi; Belgisi: 6-22-16-253; berlen senesi: 14.09.2023ý.);
- Ýük awtoulag serişdeleriniň işi (beren edara: Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi; Belgisi: 6-9-17-2117; berlen senesi: 19.04.2021ý.);
- Awtomobil ulaglary arkaly ýük daşamagy guramak, ýükleri ekspedisiýa etmek (ýany bilen gitmek) işi (beren edara: Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi; Belgisi: 6-9-16-269; berlen

senesi: 23.10.2023ý.);
- Suw ulaglaryny abatlamak we olara tehniki taýdan hyzmat etmek işi (beren edara: Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi; Belgisi: 6-22-15-22; berlen senesi: 03.06.2022ý.);
- Senagat howsyzlygy, howply desgalary taslamak we gurmak hem-de howply ýükleri daşamak babatynda iş (beren edara: "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugy; Belgisi: 6-5-12-416; berlen senesi: 27.10.2023ý.)

1.11. Jemgyýetiň Tertipnamasynyň esasy düzgünleri:

"Hazar Logistik" HJ-niň Tertipnamasy Türkmenistanyň Raýat Kodeksi we "Kärhanalar hakyndaky" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda taýýarlanyldy we Jemgyýetiň Esaslandyryjylarynyň Umumy ýygnagynyň 10.02.2023ý. senedäki 1 belgili Teswirnamasy bilen tassyklandy. "Hazar Logistik" HJ Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýuridiki şahs bolup durýar.

1.12. Emitentiň Esaslandyryjylary:

| **Esaslandyryjynyň doly ady** | **Esaslandyryjynyň salgysy** | **Jemgyýetiň esaslyk maýasyndaky paýy** | | |
|---|---|---|---|---|
| | | **Manatda** | **Sesleriň sany** | **Göterimde, %** |
| Sähedow Muhammet Merdanowiç | Mary welaýaty, Mary şäheri, Mülkbagşy ýaşaýyş jaý toplumy, A.Babaýew köçesi, jaý 11 | 1 031 750,40 | 51 | 51 |
| Şamyradow Şamyrat Tahyrowiç | Mary welaýaty, Mary şäheri, Şapar köçesi, jaý 4, öý 27 | 505 760,00 | 25 | 25 |
| Orazmyradow Yazmyrat Gurbanmyradowiç | Mary welaýaty, Mary şäheri, Muhadow ýaşaýyş jaý toplumy, G. Çerräýew köçesi, jaý 5 | 485 529,60 | 24 | 24 |

1.13. Emitentiň Ýerine ýetiriji edarasy:

| **Ýerine ýetiriji edarasynyň agzasynyň A.A.F** | **Eýeleýän wezipesi häzirki wagtda** | **Emitentiň esaslyk maýasyndaky paýy** | |
|---|---|---|---|
| | | **Manatda** | **Göterimde, %** |
| Şamyradow Şamyrat Tahyrowiç | "Hazar Logistik" HJ-niň Baş Direktory | 505 760,00 | 25 |

1.14. Emitentiň işgärleriniň jemi sany: 52 sany (01.06.2024ý. ýagdaýyna)

1.15. Emitentiň birleşmelere (assosiasiýalara), birleşiklere we jemgyýetçilik guramalaryna agzalygy: Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi.

1.16. Halkara we ýurdumyzdaky reýting agentlikleriň beren reýtingi: Ýok

1.17. Emitentiň döredilişi we ösüş taryhy:

"Hazar Logistik" hojalyk jemgyýeti 2020-nji ýylda ulag-logistika we söwda işlerini amala aşyrmak maksady bilen döredildi.
"Hazar logistik" HJ konteýner hyzmatyny, demir ýol gatnawyny, awtoulag gatnawyny, deňiz gatnawyny we multimodal gatnawyny, başgada esasanam howply harytlary daşamak bilen baglanyşykly transport we logistika hyzmatlarynyň doly toplumyny hödürleýär. Gysga wagtyň içinde, "Hazar logistik" HJ köp tejribe toplady we import, eksport, üstaşyr amallary, şeýle hem Türkmenistanyň çäginden, GDA ýurtlarynyň üsti bilen daşamak üçin bütin dünýäde, hyzmatdaşlaryň we hyzmat üpjün edijileriň giň ulgamyny döretdi. "Hazar Logistik" HJ öz işini Türkmenistanda we daşary ýurtlarda amala aşyrýar. Jemgyýetiň baş ofisi Mary şäherinde we Aşgabat we Türkmenbaşy şäherlerinde iki şahamçasy ýerleşýär. Jemgyýetiň ähli işleri ofisleriň arasynda aşakdaky ýaly netijeli ýola goýulan we paýlanan:
1. Mary şäherindäki baş ofis Artyk-Serahs-Farab ugrundaky ähli gümrük hyzmatlaryny hödürleýär;
2. Aşgabat şäherindäki edara demir ýol gatnawy bilen baglanyşykly ähli işler amala aşyrýar;
3. Türkmenbaşy deňiz portunda ýerleşýän bu edara portlardaky gämilere ekspeditor we agentlik hyzmatlaryny, dürli ýükleri Gara deňziň ähli portlaryna daşamak we gämileri fraht bilen üpjün edýär.
Häzirki wagtda Jemgyýet hödürlenýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek üçin işjeň işleýär. Mysal üçin, Mary şäherinde kompaniýa 52 gektar ýer aldy, bu ýerde tranzit ýük daşaýanlar üçin niýetlenen täze ammarlary, awtoulag duralgalaryny we myhmanhanalary gurmak meýilleşdirilýär. Mundan başga-da, “Hazar Logistik” HJ-i öz ähli ýazgylaryny birleşdirýän ýeke-täk onlaýn serwer döretmek üçin işleri alyp barýar we müşderä öz ýükleriniň hereketini yzarlamaga mümkinçilik berýän logistika modulyny - programma üpjünçiligini döretmek babatynda işleri amala aşyrýar.

## 2. Emitentiň işi barada maglumatlar we esasy maliýe görkezijileri.

2.1. Emitentiň maliýe ýagdaýynyň esasy görkezijileri barada maglumat:

| T/b | Esasy maliýe görkezijiler | 2022 ý. | 2023 ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | Girdeji | 373 313 464 | 159 277 023 |
| 2 | Çykdaýjy (şol sanda): | 415 783 246 | 113 043 685 |
| 3 | Salgyt boýunça çykdaýjylar | 19 424 483 | 3 189 933 |
| 4 | Sap peýda | -42 469 782 | 46 233 338 |
| 5 | Aktiwler (şol sanda): | 368 675 292 | 279 838 463 |
| **6** | **Arassa aktiwler** | **98 889 211** | **143 262 988** |

2.2. Emitentiň esaslyk maýasynyň möçberi: 2 023 040 (iki million ýigrimi üç müň kyrk) manat;

2.3. Emitentiň maliýe hasabatlylygy: 2022 we 2023 ýyllar boýunça Maliýe hasabatlylygynyň toplumlarynyň nusgalary goşulýar.

2.4. Audit netijenamasy: 2022 we 2023-nji ýylyň 31-nji dekabr ýagdaýlaryna Maliýe-hojalyk işleriniň netijeleri boýunça Audit hasabatlarynyň nusgalary goşulýar.

2.5. Obligasiýalaryň soňky üç ýylyň dowamynda çykarylyşy barada maglumat: Çykarylmady

2.6. Maýa goýum taslamanyň maksady we tehniki -ykdysady esaslandyrmasy:
”Hazar Logistik” Hojalyk jemgyýeti, maýa goýum maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, jemgyýetiň işini ösdürmek bilen, ulag-logistika ulgamynda ýük daşama hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, hyzmat edilýän daşary ýurt bazarlarynyň gerimini giňeltmek hem-de ýük daşama hyzmatlaryň kuwwatyny artdyrmak we bäsdeşlige ukyply logistika hyzmatlary hödürlemek üçin täze ýük daşama ulaglaryň birnäçesini tapgyrlaýyn satyn almak maksady bilen goşmaça dolanyşyk serişdeleri çekmek göz öňünde tutulýar.

## 3. Emitentiň gurluşy.

“Hazar Logistik” HJ öz işinde Tertipnamasy laýyklykda, Jemgyýetiň işine ýolbaşçylygy (dolandyryşy) şu aşakdakylar amala aşyrýar:

- Esaslandyryjylaryň umumy ýygnagy, ol Jemgyýetiň işlerine ýokary ýolbaşçy gurmasy, edarasy bolup durýar. Jemgyýet Esaslandyryjylaryň her ýyllyk umumy ýygnagyny we nobatdan daşary umumy ýygnaklaryny geçirýär;
- Jemgyýetiň dolandyryş edarasy, ol Jemgyýetiň gündelik alyp barýan işine ýolbaşçylygy (dolandyryşy) onuň ýeke-täk ýerine ýetiriji Baş direktor amala aşyrýar.

## 4. Dolanyşyga göýberilýän gymmatly kagyzlar barada maglumatlar we şertler.

4.1. Obligasiýanyň goýberilişiniň görnüşi: Atly resminamalaşmadyk.

4.2. Obligasiýanyň ýerlenilýän ýeri: “Aşgabat gazna biržasy” ÝGPJ-niň söwda ulgamy.

4.3. Obligasiýanyň goýberiliş, ýerleşdiriş we yzyna gaýtarylyş ölçegleri:

- bir sany obligasiýanyň nominal bahasy: 1 000 manat;
- obligasiýanyň umumy sany: 10 000 sany;
- obligasiýanyň goýberiliş möçberi: 10 000 000 manat;
- obligasiýanyň ýyllyk girdeji göterim möçberi: 12%;
- obligasiýanyň dolanşyk möhleti: 4 ýyl;

- obligasiýanyň üpjünçiligi: emitentiň arassa aktiwleriniň gymmatynyň möçberi;
- obligasiýa boýunça göterim girdejileri tölemek tertibi: çärýekleýin;
- obligasiýa boýunça esasy berginiň gaýtarylmagynyň tertibi: soňky çärýekde girdeji göterimi bilen bilelikde maýadarlara gaýtarylýar;
- obligasiýanyň ýerlemek we tölemek tertibi: nagt däl görnüşinde milli pul birliginde;
- obligasiýanyň ýerleşdirilmeginiň başlanýan senesi: Obligasiýanyň emissiýasynyň döwlet belligine alnan senesinden;
- obligasiýanyň ýerleşdirilmeginiň tamamlanýan senesi: döwlet belligine alnan senesinden 1 ýyl möhletde (zerur bolan ýagdaýynda ýene-de 1 ýyla uzaldylyp bilner);
- ýerleşdirilmeginiň usuly - açyk ýazylyşyk;
- mümkin bolup biljek eýeleri - fiziki we ýuridiki şahslary.

4.4. <u>Obligasiýalaryň bir şahsyň satyn aljak iň az mukdary:</u> 10 sany.

4.5. <u>Obligasiýanyň möhletinden öň yzyna satyn almak şertleri:</u>

Obligasiýanyň möhletinden öň yzyna satyn alynmagy Emitent bilen Maýa goýujynyň özara ylalaşygy boýunça amala aşyrylyp bilner.

4.6. <u>Obligasiýalary emissiýa etmek baradaky karary kabul eden Emitentiň edarasy:</u>

“Hazar Logistik” Hojalyk jemgyýetiniň Esaslandyryjylaryň Umumy ýygnagy.

## 5. Emissiýa prospektine goşulýan resminamalaryň sanawy.

5.1. Emitentiň Tertipnamasynyň nusgasy;

5.2. Emitentiň Türkmenistanyň ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmesiniň nusgasy;

5.3. Emitentiň 2022 we 2023 ýyllar boýunça Maliýe hasabatlylygynyň toplumlarynyň nusgalary;

5.4. Emitentiň 2022 we 2023-nji ýylyň 31-nji dekabr ýagdaýlaryna Maliýe-hojalyk işleriniň netijeleri boýunça Audit netijenamasynyň we hasabatlarynyň nusgalary;